# Türkmenistanym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Türkmenistanym TÜRKMENISTANYM

Ak jerenler ymgyr çöllerde joşar,
Ýaşylbaş sonalar köllerde joşar,
Men bilbilem, göwnüm güllerde joşar,
Güldür, gülüstandyr Türkmenistanym.

Aýdym gury sesdir, sazy bolmasa,
Toýlar joşmaz, gelin-gyzy bolmasa,
Bossanlar bark urmaz, ýazy bolmasa,
Bahardyr, bossandyr, Türkmenistanym.

Adamlar tanalar akyl-duýgudan,
Myrada ýetenler dynar gaýgydan,
Ylham joşa geler tämiz söýgüden,
Dilimde dessandyr Türkmenistanym.

Geýim görki öňi bilen ýan diýrler,
Öýleriň bezegi ak juwan diýrler,
Adam diriligi tende gan diýrler,
Damarymda gandyr Türkmenistanym.

Belent çykar barly öýüň tütüni,
Gaýratly är müner bagtyň atyny,
Munda azatlygyň mermer sütüni,
Keýp-sapasy kändir Türkmenistanyň.

Mertler äşgär bolar synag düzünde;
Ýalpyldap ot ýanar gara gözünde,
Ýeriň gatlarynda, gögüň ýüzünde
At alan pälwandyr Türkmenistanym.

Ýeke däl, jana-jan dosty-ýary bar,
Pähimli-paýhasly howandary bar,
Watan dawasynda arslan-şiri bar,

Şöhratdyr hem şandyr Türkmenistanym.

Saýra sen, şeýda bol, Juma Ilmyrat,
Böwsülip, basyldy gaýly harasat,
Bu toý saba ylham, güýç bilen gaýrat,
Döwletli döwrandyr Türkmenistanym.

1944 ý.

Juma ILMYRADOW. Goşgular